# Rus şahyry Nikolaý Rubsowy ýatlap…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Rus şahyry Nikolaý Rubsowy ýatlap… RUS ŞAHYRY NIKOLAÝ RUBSOWY ÝATLAP…

…Bolmasam-da onuň deňi,
Görmesem-de asla ony,
Ýadyma kän düşüberýär,
Russiýanyň Rubsowy.

Oňa durmuşyň bagyşlan,
Bir topar kyn şerti – tanşym.
Iç hümledip bir özüniň,
Çetde çeken derdi-tanşym.

…Goşgy bilen gowulary
Gujaklap bilen şahyr, –
Goşgy bilen ýamanlary
Pyçaklap bilen şahyr. –

Çyn şahyrdyr, serhet bilmez,
Ýesir alar sagy-soly.
(Sen şolaryň biri dälmi,
Russiýanyň Rubsowy?!)

Ýöne ajal namartlady,
Ir äkidip Rubsowy…
(Şahyrlarynyň ir ýitmegniň,
Bomazmy, bir öňi-soňy?!)

Russiýa awunanda,
Ir giderip Rubsowy.
«Poeziýa uly zyýan
Çökdi» diýsem, ýalňyş bormy?!

…Russiýanyň şahyry köp,
Biri-birisinden gowy!
Şol gowynyň biri dälmi,
Russiýanyň Rubsowy!

Gurbanýaz DAŞGYNOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1978 ý. Goşgular